# Kölege

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kölege KÖLEGE

Ýagtylykdan gaçyp, yzda ýa öňde,
Garalyp gidipdir reňkiňem seniň,
Bukulýaň, gizlenýäň, käte kiçelýäň,
Meni galkan edýäň,
Hany edebiň?
Haçan görseň, meniň yzyma düşüp,
Bolşuňa görä-hä berýän peýdaň ýok.
Çar tarapyň açyk, örtenip ýörme,
Git!
giň çöle,
daga-düze, meýdana.
Tümlikde gijede daşymy gaplap,
Ulalyp-ulalyp giňeýär dünýäň.
Mysgalça-da ýo:k, seniň agramyň,
Sorag bersem, sessiz, jogapsyz dymýaň.
Menden algyň näme?
Näme niýetiň?
Reňkiňden gorkmaly,
Açyk däl, ak däl.
Gürrüňdeş bolaly ikimiz bile,
Dymmaklygyň meniň üçin jogap däl!

Agras ýüzi bilen diýdi kelam söz,
Tisginip gitdim men sesiň zarbyndan…
«Garaş! Entek wagt bar, howlukma heniz,
Seň daşyň örterin,
Diňe gabryňda.»

Remezan MÄMETGURBANOW. Goşgular